Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2025-nji ýylyň 28-nji oktýabryndaky
№ 72-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy

# GYSGAÇA GÖRKEZMELER

№ 1-üstaşyr «Demir ýol ulaglary we ýük awtomobilleri bilen üstaşyr ýükleriň daşalyşy barada hasabat» (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi, Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrliginiň “Türkmenulaggözegçilik” döwlet kärhanasy tarapyndan hasabat döwründen soň aýyň 15-ne Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tabşyrmaly.

1-nji bölümiň 01-nji setirinde demir ýol bilen üstaşyr daşalan ýükleriň umumy möçberi görkezilýär.

02-nji setirde ýük dolanyşygynyň umumy möçberi görkezilýär, şol sanda ýük dolanyşygynyň aýry-aýry ugurlary boýunça görkezilýär.

2-nji bölümiň A sütüninde üstaşyr ýükleri gatnatmaklygy amala aşyrýan ýük awtomobilleriniň, Türkmenistanyň çägine giren nokadyndan Türkmenistanyň çäginden çykan nokadyna çenli ugurlar görkezilýär.

2-nji bölümiň 1-nji we 2-nji sütünlerinde üstaşyr geçýän ýük awtomobilleriniň, degişlilikde, hasabat döwründäki we geçen ýylyň degişli döwründäki sany hasaba alynýar.

2-nji bölümiň 3-nji we 4-nji sütünlerinde her ugur boýunça, degişlilikde, hasabat döwründäki we geçen ýylyň degişli döwründäki aralyk görkezilýär.

2-nji bölümiň 5-nji we 6-njy sütünlerinde ýük awtomobilleriniň, degişlilikde, hasabat döwründäki we geçen ýylyň degişli döwründäki geçen umumy aralygy görkezilýär, bu bolsa degişli ugurlar boýunça geçýän ýük awtomobilleriniň sanyny olaryň geçen aralygyna köpeltmek arkaly kesgitlenilýär.

3-nji bölümiň A sütüninde ýük awtomobilleriniň degişliligi boýunça ýurtlaryň atlary görkezilýär.

3-nji bölümiň 1 sütüninde hasabat döwründe üstaşyr geçýän ýük awtoulaglaryň sanyny ýurtlar boýunça toparlara bölünen görnüşinde görkezilýär.

3-nji bölümiň 2 sütüninde geçen ýylyň degişli döwründe üstaşyr geçýän ýük awtoulaglaryň sanyny ýurtlar boýunça toparlara bölünen görnüşinde görkezilýär.